Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *b) ATLARYŇ SAN BILEN ÜÝTGEÝIŞLERI*

**423-nji gönükmke.** Aşakdaky atlary okaň we olaryň haýsynyň bir zady, haýsynyň köp zady aňladýandygyny aýdyň.

Galam, galamlar, çäýnek, çäýnekler, käse, käseler, kitap, kitaplar,

alma, almalar, köşek, köşekler, ýorgan, ýorganlar, keçe, keçeler,

köwüş, köwüşler, jorap, joraplar, depder, depderler, towuk,

towuklar, bag, baglar.

Ýokarky atlaryň birden artyk zady aňladýanlary nämäniň kömegi bilen köplügi aňladýarlar?

Atlar birlik we köplük sanda bolup bilýärler. Soňlaryna *-lar, -ler* goşulmasy goşulan atlar köplügi, goşulmadyk atlar birligi aňladýarlar. **Meselem:** *geçi-geçiler, guzy-guzular, oglan-oglanlar, kädi-kädiler* we ş.m.

**424-nji gönükmke.** Sözleri okaň we nusgada görkezilişi ýaly depderiňize göçüriň.

Gawun, garpyz, sogan, gawunlar, kelem, garpyzlar, erik, soganlar, şetdaly, kelemler, injir, erikler, pomidor, şetdalylar, badam, injirler, pisse, pomidorlar, sarymsak, badamlar, pisseler, sarymsaklar, kädi, kädiler,

***NUSGA:***

| Birlik sandaky atlar | Köplük sandaky atlar |
|---|---|
| Gawun | gawunlar |
| Garpyz | garpyzlar |
| Sogan | soganlar |
| Kelem | kelemler |

**425-nji gönükmke.** Şygry okaň we ondaky birlik sanda gelen atlary biraýry, köplük sanda gelen atlary biraýry göçüriň.

**MAGTYMGULY**

Baglarda sen, güllerde sen,

Daglarda sen, çöllerde sen,

Elmydama ellerde sen,

Magtymguly, Magtymguly.

Halylaryň ýüzünde sen,

Şahyrlaryň sözünde sen,

Ähli kişiň gözünde sen,

Magtymguly, Magtymguly.

Çopanlaryň goşunda sen,

Toý-meýlisiň başynda sen,

Halkyň göwün hoşunda sen,

Magtymguly, Magtymguly.

*(Ý. Durdýýew).*

***Göwün hoşy*** diýen aňlatmanyň manysyny düşündiriň we depderiňize ýazyň.

* * * *

**426-nji gönükmke.** Birlik sanda getirilen aşakdaky atlaryň gapdalyna olaryň köplük sanyny ýazyp, depderiňize göçüriň.

| | | |
|---|---|---|
| Adam— | Düýe— | Selin— |
| Oglan— | Köşek— | Selme— |
| Kitap— | Göle— | Ýorunja— |
| Depder— | Sygyr— | Okyçy— |
| Ädik— | At— | Gyz — |
| Üzüm— | Taý— | Geçi— |
| Köçe— | Welaýat— | Etrap— |

***NUSGA:*** *adam— adamlar, ...*

Birinji bognunda dodak çekimlisi bolan iki bogunly, ***y, i*** çekimlilerine gutarýan sözlere san goşulmasy goşulan-da şol ***y, i*** çekimlileri ***u, ü*** sesleriň e geçýärler.

**Meselem:** *goşgy—goşgular, köpri—köprüler, guty—gutular.*

**427-nji gönükmke.** Sözlemleri okaň we has gara ýazylan atlary nusgada görkezilişi ýalý edip göçüriň.

Turkmenkultur.com

l. Meläni akasy ýol edarasynda **ýolçy** bolup işleýär. **Ýolçular** etrabymyzyň ýollaryny bejerýärler.

2. Anna çopan arada üç-dört ýerde **böri** tutýan gapan gurup goýandygyny aýtdy. Şondan soň ol **börüleriň** azar bermesinden dynypdyr.

3. Biz düýn uly **kõpriniň** üstünden geçip gitdik. Şolar ýaly **köprüleriň** belli bahasy ýok.

4. Doganymbäş-alty günlükde bir **dürbi** alypdyr. Onuň aýtmagyna görä, dükanda **dürbüleriň** üç-dört görnüşi barmyş.

5. Ejem jigime **hünji** alyp beripdir. Indi jigimde **hünjüleriň** dört düzümi bar.

6. Men oglankam obamyzda owlak-**guzy** bakardym. **Guzular** owlaklardan ýuwaş bolýar eken.

***NUSGA:***

| Birlik sandaky atlar | Köplük sandaky atlar |
| --- | --- |
| Guzy | guzular |

Göçürip alan atlaryňyzda san goşulmasynyň goşulmagy bilen nähili üýtgeşme bolýandygyny aýdyň.

* * * *

**428-nji gönükmke.**Aşakdaky birlik sanda getirilen atlary göçüriň we gapdalyna olaryň köplük sanyny ýazyň.

| | |
| --- | --- |
| Ýolçy— | Böri — |
| Gaýçy— | Balçy— |
| Süri— | Gülçi— |
| Işçi— | Tuty— |
| Köpri— | Jübi— |
| Guty— | Guzy— |
| Etçi— | Guşçy— |
| Gözli— | Ýolly— |

***NUSGA:*** *ýolçy-ýolçular, gaýçy-gaýçylar, ...*

* * * *

**429-nji gönükmke.**Aşakdaky birlik sanda getirilen atlary köplük sana öwrüň we olaryň hersine degişli bir sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

Tokky, awçy, süri, geçi, haly, goşgy, duýgy.

Turkmenkultur.com

***NUSGA:*** *duýgy-duýgular. Meniň duýgularum meni gapyllykda goýmaýar.*

_ *Gapyl goýmak* aňlatmasynyň manysyny düşündiriň we depderiňize ýazyň.

## GAÝTALAMAK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

1. Nähili atlara has atlar, nähili atlara jyns atlar diýilýär?
Bularyň haýsynyň ilkinji harpy baş harp bilen ýazylýar?

2. Çeper eserlere, teatrlara, gämilere we şuňa meňzeşlere
dakylýan atlar nähili ýagdaýda goşa dyrnaga alynmaýar, nähili
ýagdaýda goşa dyrnaga alynýar.

3. Asman jisimleriniň atlarynyň ilkinji harpy nähili ýagdaýda baş harp bilen ýazylýar?

4. Atlaryň köplük san goşulmasyny aýdyň, oňa mysallar getiriň.

5.Birinji bognunda dodak çekimlisi bolan iki bogunly *y, i* seslerine gutarýan *goşgy,* süri ýaly atlara köplük san goşulmasy goşulsa, olarda nähili üýtgeşme ýüze çykýar?

Turkmenkultur.com